**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

**— MENIŇ MAKSADYM TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ MILLI MEKDEBINI HEMMETARAPLAÝYN GOLDAMAKDAN WE DÜNÝÄNIŇ IŇ ÖSEN TALAPLARYNA LAÝYK GELÝÄN BILIM ULGAMYNY SIZE ELÝETERLI ETMEKDEN YBARATDYR.**



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — INTERNET GAZETI

# THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

INTERNET NEWSPAPER

№ 13, 2021-nji ýylyň 15-nji awgusty Our main goal is to serve the Motherland!

*Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*



***Awaza — 2021: Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy; Sebitiň ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli önümleriniň halkara sergisi; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady forumy; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halklarynyň milli tagamlarynyň sergisi; Sebitiň ýurtlarynyň sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konserti.***

## СОТРУДНИЧЕСТВОВИНТЕРЕСАХРАЗВИТИЯ

***Центрально-Азиатский регион является центром притяжения интересов многих стран мира и регионов, который, по сути, определяет её важное геополитическое и геоэкономическое значение. Туркменистан, являясь активным участником диалога в регионе и за его пределами, активно продвигает важные инициативы по налаживанию плодотворного сотрудничества, вовлекая в этот процесс сопредельные регионы.***

Во внешнеполитической стратегии Туркменистана особое место отводится сотрудничеству с ближайшими соседями, которых объединяет общность истории и духовно-культурные ценности. Президент Туркменистана отмечает: «Сотрудничество с государствами региона на принципах взаимопонимания и взаимного доверия является основным условием сохранения и укрепления мира и безопасности в Центральной Азии. Это и определяет динамичное экономическое и социальное развитие региона: позволяет активно подключаться и поддерживать мирохозяйственные связи, широко привлекать инвестиции».

Как известно, 6 августа 2021 года Туркменистан принял лидеров Казахстана, Узбекистана, Таджикистана и Кыргызстана в рамках Третьей Консультативной встречи глав государств Центрально-Азиатских стран, состоявшейся в национальной туристической зоне «Аваза». К этому событию также были приурочены такие важные международные мероприятия, как Диалог женщин ЦА, международная выставка национальных товаров, Экономический форум ЦА, фестиваль национальной кухни народов стран Центральной Азии, а также большой праздничный концерт артистов государств региона. Эти мероприятия являются наглядной демонстрацией заинтересованности Центрально-Азиатских стран в развитии сотрудничества в политико-дипломатической, культурно-гуманитарной и торгово-экономической сфере.

Благодаря осуществляемым в стране грандиозным реформам Туркменистан вышел на передовые позиции по развитию национальной экономики и по праву считается одним из ведущих центров международного сотрудничества. Нынешний 2021 год, провозглашенный ООН «Международным годом мира и доверия», является наглядным тому свидетельством. Туркменистан является членом Комиссий ООН по нескольким программам, таких, как Организация экономического сотрудничества, является Председателем на встречах высшего уровня, каковыми являются VI саммит глав государств прикаспийских стран, Третья Консультативная встреча глав государств Центрально-Азиатских стран, трёхсторонняя встреча лидеров Туркменистана, Азербайджана и Турции и другие. Таким образом, Туркменистан, исходя из статуса нейтралитета, становится связующим звеном обеспечения мира и безопасности, расширения сотрудничества по развитию политических и экономических связей и поиску интересов в решении важных задач и проблем региона и мира в целом.

Внешнеполитический курс Туркменистана ориентирован по вектору последовательной реализации идей и инициатив, предложенных Президентом Гурбангулы Бердымухамедовым, которые находят широкую и заинтересованную поддержку со стороны Сообщества Наций. В частности, Глава Туркменистана, выступив с исторической речью на 75-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН, изложил приоритетные позиции нашей страны по активизации сотрудничества в решении проблем, важных для региона. Туркменистан, являющийся также и вице-председателем нынешней сессии Генеральной Ассамблеи ООН, призвал к дальнейшей активизации практических шагов по поддержке глобальной и региональной безопасности, в том числе – обеспечению энергетической, экологической и продовольственной безопасности.

Центральное место по всему спектру реализации внешнеполитической стратегии Туркменистана занимают вопросы обеспечения мира, стабильности и безопасности. Фундаментальной основой в разработке подходов Туркменистана к этой

(Dowamy 2-nji sahypada)

## Türkmenistan halkara media giňişliklerinde

**SNG.TODAY**

*As part of the summit of the leaders of Central Asian countries on August 6, 2021, an economic forum of the region's states was organized in the Avaza National Tourist Zone with the participation of Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov. The participants discussed in detail proposals for expanding e-commerce and other particularly important issues. This was reported by the state information agency "Turkmenistan Today".*

*During his speech, Berdimuhamedov called on representatives of the region's states to work hard together to strengthen cooperation in such areas as energy, transport, trade, economy and others. He also noted the importance of expanding partnerships, creating cooperation lines between entrepreneurs in the region, promoting investment within Central Asia, as well as supporting cross-border activities in the trade and commercial sphere. Taking into account these factors, the need for serious consideration of lifting various restrictions is noted.*

*In addition, at the end of the event, business meetings were held, as a result of which 85 agreements were signed.*

**SNG.FM**

*В западной части Туркменистана на берегу Каспийского моря в турзоне «Аваза» 6 августа прошло заседание Диалога женщин-лидеров Центральной Азии. По итогам мероприятия была принята совместная декларация, содержащая рекомендации по обеспечению гендерного равенства в регионе. Об этом сообщило ИА CentralAsia.news.*

*На сцене выступили представители парламентов стран ЦА. Они отметили важность проведения данного форума и обменялись информацией относительно работы по обеспечению равных прав и возможностей для женщин и мужчин в центральноазиатских государствах.*

*Участники диалога договорились повысить взаимодействие между странами в сфере расширения прав и возможностей представительниц прекрасного пола в государственных структурах, а также активнее работать с молодым поколением.*

*В конце пленарного заседания была принята Декларация Диалога женщин-лидеров Центральной Азии.*

**Awaza — 2021: Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy; Sebitiň ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli önümleriniň halkara sergisi; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady forumy; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halklarynyň milli tagamlarynyň sergisi; Sebitiň ýurtlarynyň sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konserti.**

# СОТРУДНИЧЕСТВО В ИНТЕРЕСАХ РАЗВИТИЯ

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

проблематике является концепция Президента Гурбангулы Бердымухамедова о целостности и неделимости безопасности. В данной связи Туркменистан выступает за разработку и принятие Декларации ООН о приоритетном применении политико-дипломатических средств при решении международных вопросов. Туркменистан активно продвигает всесторонне осмысленную идею эффективного партнёрства в целях обеспечения региональной безопасности. Суть идеи состоит в создании нового механизма политического диалога в Центральной Азии – Форума мира и сотрудничества, действующего на постоянной основе, что, в свою очередь, создаёт возможность для консультативных форм межгосударственного инструмента в рамках Центрально-Азиатского региона.

Возвращаясь к вопросам партнёрских отношений Центрально-Азиатских стран, важно отметить, что Туркменистан является активным приверженцем многосторонних переговоров по актуальным вопросам сотрудничества, касающихся вовлечения нашего региона в мирохозяйственные процессы и установления мира и доверия. В этой связи, инициатива Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова по проведению встреч глав государств Центральной Азии на регулярной основе является важным шагом в деле расширения граней сотрудничества. Итоговый документ Ташкентской встречи о проведении ежегодных Консультативных встреч на высшем уровне, стал реальным очертанием инициативы Лидера туркменского народа и подтверждением приверженности стран региона развитию международного сотрудничества. Напомню что, первая такая встреча состоялась в марте 2018 года в столице Казахстана, вторая - в ноябре 2019 года в главном городе Узбекистана.

В ноябре 2019 года Президент Туркменистана на встрече глав государств Центральной Азии выступил с речью, в которой дал анализ политико-экономической ситуации региона, а также выдвинул ряд инициатив.

В частности, Уважаемый Президент, в целях придания региональному экономическому сотрудничеству целенаправленного и системного характера, предложил Главам стран Центральной Азии подумать над созданием пятистороннего Делового совета. Такая структура могла бы взять на себя функции мозгового центра по формированию объединенной стратегии государств региона по приоритетным направлениям экономического партнёрства. Во-вторых, Президент Туркменистана предложил, чтоб творческая интеллигенция стран региона взяла на себя инициативу по запуску нового формата взаимодействия, который можно назвать Форумом культурного диалога Центральной Азии. Также туркменский лидер в своей речи коснулся проблем урегулирования ситуации в Афганистане, в зоне Аральского моря, цифровизации экономик стран региона и развития транспортного взаимодействия в Центральной Азии.

Таким образом, стратегический вектор внешней политики Туркменистана выстроен согласно логике и интересам национального развития, отвечая высоким стандартам общечеловеческих ценностей и мировой политики. Приверженность Туркменистана развитию регионального сотрудничества и проведение Третьей Консультативной встречи глав государств Центрально-Азиатских стран и ряда других мероприятий в национальной туристической зоне «Аваза» стало свидетельством динамики развития международного авторитета нашей страны.








***Акмухаммет ДЖУМАКУЛИЕВ, преподаватель ИМО МИД Туркменистана.***

# TÜRKMEN ZENANLARYNY BUÝSANDYRAN WAKALAR

“Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” hem-de “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak” diýen şygar astynda geçýän 2021-nji ýylyň ýyl ýazgysyna altyn harplar bilen giren “Awaza” milli syýahatçylyk zolagyndaky taryhy wakalar zenanlaryň jemgyýetde tutýan ornunyň ýokarydygyna, zenan mertebesiniň gymmatyna ýene bir gez göz ýetirmäge mümkinçilik berdi. Çünki, Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy bilen bir günde geçirilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň uly many-mazmuny bar. Bu geçirilen iri forumda hormatly Prezidentimiz “Biziň bilelikde çözüp bilmejek meselämiz ýokdur” diýen jümlesiniň öňe sürülmeginde zenanlaryň hem döwlet ähmiýetli meseleleri çözmekde dahyllydygyny görkezýär. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet baştutanlarynyň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogyna gatnaşyjylara iberen Ýüzlenmesinde beýan edilişi ýaly, zenanlaryň dialogynyň baş maksady Merkezi Aziýa ýurtlary tarapyndan gender deňligini üpjün etmek boýunça gazanylan üstünlikleri seljermekden hem-de sebitiň döwletleriniň zenanlarynyň arasynda, hususan-da, durmuş ulgamynda ylym, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we sungat babatda hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen köptaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Ýokarda agzalanlardan ugur alyp, zenanlaryň dialogynda sebitiň ýurtlarynda gender syýasatynyň durmuşa ornaşdyrylyşy, enäniň we çaganyň saglygynyň goralyşy hem-de halk hojalygynyň dürli ugurlary boýunça zenanlaryň iş bilen üpjün edilişi barada giňişleýin gürrüň edildi we tejribe alşyldy. Elbetde, ýerine ýetirilen işleriň ähmiýetine seljerme berlende has-da aýdyň göz ýetirmäge mümkinçilik döreýär. Şu jähetden hem, “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen zenanlaryň dialogyna gatnaşan wekiliýetiň hatarynda orta we ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň hem-de talyp gyzlarynyň bolmagy zenanlar forumynyň ähmiýetini has-da ýokarlandyrýar. Eziz Watanyň gelejegi – ýaşlaryň elinde. Ýaşlary terbiýelemek, sagdyn pikirli, berk bedenli edip ýetişdirmek bolsa zenanlara bagly bolup durýar. Bu baglanyşyk ähli halklara mahsusdyr. Çünki, älemde dowamaty dowam etdirmek enä buýrulan. Bu – enäniň iň ajaýyp kysmaty. Eneler öz ömürleriniň bu mukaddes wezipesini çäksiz buýsanç, çuňňur söýgi bilen amal edýärler. Perzentli bolmak, nesliň dowam etmegi maşgala üçin ýaşaýşyň, barlygyň esasy manysy. Mähriban Arkadagymyzyň “Enä tagzym – mukaddeslige tagzym” atly kitabyndaky şu setirler bu barlykda enäniň mukaddes ornuny beýan edýär: “Ene ýaradylyşda dowamatyň dowam etmeginiň başlangyjydyr. Ene ähli ýaradylyşa dahylly beýik düşünjedir. Enä minnetdar bolmak özüňe, şu dünýä, tutuş barlyga dahyllydygyňa soňsuz hoşallygyňdyr. Perzendiň şu dünýäde mynasyp orny eýelemeginiň esasynda oňa berilýän mähir, yhlas, alada ede jemlenendir”. Ene öz hüwdüsinde çagasy baradaky ýagty arzuwlary beýan edýär. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň forumynyň çäklerinde “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň “Ruhyýet” köşgünde guralan döredijilik duşuşygynyň ilkinji çykyşy hem bäş milletiň ene hüwdüsinden başlanyp, ene hüwdüsiniň ýagty jahandaky ýaşaýşyň baky owazy bolup ýaňlanmagy zaldaky tomaşaçylaryň ählisini tolgundyrdy.

Şeýle hem, bu ýerde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli tagamlarynyň sergisi hem guraldy. Elbetde, tagam taýýarlamak işi hem zenana buýrulan. Tagam taýýarlamak işine zenan öz söýgüsini, yhlasyny, arzuwlaryny siňdirýär. Bu bolsa, tagamyň datly bolmagyna, maşgalanyň ähli agzalarynyň bir saçagyň jemlenmegine itergi berýär.

Diýmek, enäniň orny esasy köp milletde hem birmeňzeş-hüwdülerdäki, milli tagamlardaky, el işlerindäki meňzeşlikler adamlaryň jebisleşmegine, dost-dogan bolmaklaryna ýardam etmek bilen, parahat we asuda durmuşda ýaşamak meýilleriniň amal edilmegine getirýär.

Mähriban Arkadagymyz türkmen eneleriniň, zenanlaryň mertebesini belende galdyrmak ugrunda paýhasly syýasaty alyp barýar. Türkmen zenanlarynyň jemgyýetde uly orny bar. Olaryň hukuklary döwlet kanunlary arkaly goralýar. Türkmenistan aýallaryň, eneleriň hukuklaryny, azatlyklaryny üpjün etmek baradaky halkara Konwensiýalaryna goşuldy. Esasy Kanunymyzda aýallaryň erkekler bilen deň hukuklylygy beýan edilendir. Şeýle hem, biziň ýurdumyzda “Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny hereket edýär.






Türkmenistanyň parahatçylykly ösüşini ýola goýmagy, halkyň ýokary derejeli ýaşaýşyny üpjün etmegi ugrunda ähli şertleri döretmegi eneleri bagtyýar edýär. Çünki perzentleriň, nesilleriň bagty, olaryň geljeginiň ygtybarlylygy eneleriň röwşen arzuwy bolup durýar. Men hem öz gezegimde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogyna gatnaşyp, türkmen zenany bolup dünýä inendigime buýsanýaryn. Çünki, eziz Watanymyzda zenanlara goýulýan sarpanyň, enelere bolan hormatyň, biz, zenanlar üçin döredilýän şertleriň we mümkinçilikleriň ýokarydygyna zenanlaryň dialogyndaky çykyşlarda we seljerme işlerinde has-da içgin göz ýetirmäge mümkinçilik döredi. Dialogyň ahyrynda biz, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlary bolup özümize bildirilen ynamy ödemäge hakly bolmak bilen, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet baştutanlynyň adyna Ýüzlenmani hem kabul etdik. Şunda, biz, gelejekde ýerine ýetirilmeli we maksatnama esasynda amal ediljek işleri birin-birin beýan etdik.

Zenan mertebesini ýokary galdyrýan Milli Liderimize zenanlaryň, eneleriň alkyşlary uly. Eneleri, zenanlary ýylgyrtmagy başarýan, ene alkyşyna eýe bolýan Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, belent başy aman bolsun, tutýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

***Almanar ÝAZBERDIÝEWA, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň ilkinji Zenanlar guramasynyň başlygy.***



# MILLI LIDERIMIZIŇ BAŞLANGYÇLARY ROWAÇLANÝAR

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri Milli Liderimiziň halkara derejelerinde öňe sürýän başlangyçlarynyň dünýä derejesinde ykrar edilmeginiň barha giň gerime eýe bolýanlygy bilen aýratyn tapawutlanýar. Munuň şeýledigini Awazada geçirilen Sebit döwletleriniň ykdysady forumyna we sergisine Milli Liderimiziň täze uly başlangyçlarynyň ykrar edilmegi bilen gelnenligi hem görkezýär. Gürrüň ykdysady forumyň we serginiň öň ýanynda, ýagny 2021-nji ýylyň 2-nji awgustynda Ministrler Kabinetiniň ýygnagynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Daşary işler ministri R.Meredow tarapyndan Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa sanly ulgam arkaly BMG-niň Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasyndan gelip gowşan şatlykly habary ýetirindigi barada barýar. Onda şu ýylyň 29-njy iýulynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji sessiýasynyň 96-njy plenar mejlisinde milli Liderimiziň başlangyjy bilen öňe sürlen "Koronawirus keseliniň (COVID-19) pandemiýasy we ondan soňky döwürde durnukly ösüş üçin üznüksiz we ygtybarly halkara ýük daşamalary üpjün etmek maksady bilen, ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek" atly Kararnamanyň guramanyň ähli agza ýurtlary tarapyndan biragyzdan kabul edilendigi hem-de Kararnamanyň döredijileri bolup 48 döwletiň çykyş edendigi mälim edilipdi. Şoňa görä-de, şeýle Kararnamanyň kabul edilmegi netijesinde «Demirgazyk — Günorta» hem-de «Günbatar — Gündogar» ugurlary boýunça çäk taýdan örän amatly ýerleşýän ýurdumyzyň sebit hem-de yklym ähmiýetli wajyp üstaşyr ulag we logistik merkez hökmünde özüniň ornuny ynamly pugtalandyrýanlygyna ykdysady forumda uly ähmiýet berlendigi ýöne ýerden däldir.

Hawa, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow XXI asyryň täze taryhy şertlerinde dünýäniň bitewüliginden ugur alýan öňdengörüjilikli syýasaty ýöretmek bilen, zeminiň ähli ýurtlarynyň özara sazlaşykly ösüşine ýardam edýän üstaşyr ulag infrastrukturasyny emele getirmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary öňe sürýär. Hususan-da, ulag-üstaşyr hyzmatdaşlygynda halkara hukuk esaslaryny emele getirýän meselelere aýratyn üns berilýär. Şunuň netijesinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda, 2014-nji ýylyň sentýabr aýynda Aşgabatda Halkara hyzmatdaşlygyny we durnukly ösüşi üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň tutýan ornuna bagyşlanan ýokary derejedäki halkara maslahaty geçirildi. Halkara maslahatyň jemleýji gününde biragyzdan goldanyp, Aşgabat jarnamasyna gol çekildi. Şondan soň Türkmenistanyň başlangyjy bilen halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri boýunça ýörite resminama işlenip taýýarlanyldy. 2014-nji ýylyň dekabr aýynda BMG tarapyndan ilkinji gezek «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny» atly Kararnama 66 döwletiň awtordaşlygynda kabul edildi. 2015-nji ýylyň dekabr aýynda ikinji gezek "Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen ulagyň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda" 85 döwletiň awtordaşlygynda Kararnama kabul edildi. Taryhy Kararnamalaryň kabul edilmegi netijesinde, BMG-niň howandarlygynda 2016-njy ýylyň noýabr aýynda Aşgabatda durnukly ulag ulgamy boýunça birinji Ählumumy maslahat geçirildi. Maslahatyň dowamynda Aşgabatda jemleýji resminama gol çekildi. 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda nobatdaky gezek «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly üçünji gezek 74 döwletiň awtordaşlygynda Kararnama kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiziň ulag babatda möhüm halkara başlangyçlaryny iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça, 2020-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda geçirilen sanly wideoaragatnaşyk arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasyny durmuşa geçirmek bilen baglylykda öňde durýan anyk wezipeler kesgitlenildi. Şolaryň hatarynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde Türkmenistanyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda BMG-niň çäklerinde işjeňligiň dowamy hökmünde ulag-üstaşyr geçelgelerini ösdürmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň başlangyjy esasynda adatdan daşary ýagdaýlar döwründe, durnukly halkara ulag gatnawyny üpjün edýän täze halkara-hukuk guralyny döretmekligiň zerurlygynyň ýüze çykýandygyny göz öňünde tutup, şol mejlisde ýörite Kararnamanyň taslamasynyň hödürlenendigini bellemek bolar. 2021-nji ýylyň 5-nji iýulynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisiniň Başlygy Wolkan Bozkyr bilen duşuşygy geçirildi. Duşuşygyň çäklerinde ýakyn wagtda Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän resminamalara, ýagny, adatdan daşary ýagdaýlarda durnukly ulag aragatnaşygyny üpjün etmek barada Baş Assambleýanyň Kararnamasynyň taslamalaryna garamak meýilleşdirilýändigi bellenilip geçildi.

Şu ýylyň 29-njy iýulynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji sessiýasynyň 96-njy plenar mejlisinde milli Liderimiziň başlangyjy bilen öňe sürlen "Koronawirus keseliniň (COVID-19) pandemiýasy we ondan soňky döwürde durnukly ösüş üçin üznüksiz we ygtybarly halkara ýük daşamalary üpjün etmek maksady bilen, ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek" atly Kararnama guramanyň ähli agza ýurtlary tarapyndan biragyzdan kabul edilende Kararnamanyň dörediјileri bolup 48 döwlet çykyş etdi. Şeýle Kararnamanyň kabul edilmegi netijesinde «Demirgazyk — Günorta» hem-de «Günbatar — Gündogar» ugurlary boýunça çäk taýdan örän amatly ýerleşýän ýurdumyz sebit hem-de yklym ähmiýetli wajyp üstaşyr ulag we logistik merkez hökmünde özüniň ornuny ynamly pugtalandyrýar.

"Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany" ýylynda, Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygynyň bellenilýan günlerinde 6-njy awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň bilelikdäki beýannamasyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen, Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlarynyň arasynda haryt dolanyşygyny artdyrmak, şol sanda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýükleri öz çäkleri boýunça daşamagynyň tertibini düzgünleşdirýän şertnamalaýynhukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça çäreleri durmuşa geçirilýär. Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlary bilen halkara guramalaryň we maksatnamalaryň çäklerinde söwda ykdysady gatnaşyklary ösdürýär. Olaryň hatarynda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy (EKO), Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA), Araly halas etmegiň Halkara gaznasy, Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk (CAREC) maksatnamasy, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin BMG-niň Maksatnamasy (SPEKA) dialog formatyndaky maslahatlar yzygiderli geçirilýär. Bularyň hemmesi Türkmenistanyň durnukly ösýän ykdysady ýurt hökmünde halkara abraýynyň barha belende galýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

*Perhat ÇARYÝEW,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy.*



# BMG-niň HALKARA GÜNLERI

## International Youth Day

International Youth Day is celebrated annually on 12 August to bring youth issues to the attention of the international community and to celebrate the potential of youth as active partners in the global society. The Day gives an opportunity to celebrate and mainstream young people's voices, actions and initiatives, as well as their meaningful, universal and equitable engagement. It was established by the UN General Assembly (A/RES/54/120), which on 17 December 1999, endorsed the recommendation made by the World Conference of Ministers Responsible for Youth calling for 12 August to be declared International Youth Day.

Half the children between the age of 6 and 13 lack basic reading and math skills and childhood poverty is still a prevalent problem globally. International Youth Day was created by the UN to help draw awareness to these issues as we strive to find solutions. It's a day for reflection but also a day for taking action so get involved.

The 2021 theme for the day is about transforming food systems. The theme, "Transforming Food Systems: Youth Innovation for Human and Planetary Health", aims to highlight that the success of such a global effort will not be achieved without the meaningful participation of young people. This year, the Office of the UN Secretary-General's Envoy on Youth will host the first fully virtual YouthLead Innovation Festival, which highlights young people as innovators contributing solutions to the Sustainable Development Goals and COVID-19 response and recovery. We celebrate young people's efforts and contributions big and small toward righting the world's wrongs. Today's youth are tomorrow's leaders who know that nothing will change if they stand by, change only happens when they stand up.

***Dilnoza MUHADOVA,***
***I year student of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***



## Международный день молодежи

Ежегодно 12 августа, начиная с 2000 года, во всем мире отмечается Международный день молодежи. Праздник был установлен Генеральной ассамблеей ООН 17 декабря 1999 года по предложению всемирной конференции министров по делам молодежи, состоявшейся в Лиссабоне 8 — 12 августа 1998 года.

Этот День призван напомнить о роли молодых людей в развитии и построении мира и повседневных проблемах, которые стоят на их пути. Большое количество населения мира – это молодые люди от возраста 15 до 24 лет составляющие 1,21 миллиарда человек, что соответствует 15,5% мирового населения.



Каждый год ООН назначает тему празднования Международного дня молодежи, тема этого года «Преобразование продовольственных систем: Молодежные инновации для здоровья людей и планеты» призвана подчеркнуть, что глобальные усилия не будут успешными без значимого участия молодого поколения. Молодежь – это главные инициаторы и ценные партнеры в разработке инновационных решений и их непрерывного развития в целях распространения лучшего сельского хозяйства, устойчивых цепочек производства, здорового образа жизни.

Глобальная задача всего общества и старшего поколения в частности – облегчить для детей, подростков и молодежи доступ к информации о проблемах окружающей среды и методах их решения.

Образованная, мотивированная, уверенная в себе молодежь – ключ к достижению Целей устойчивого развития.

***Акбиби БАЙРАМОВА,***
***студентка III курса факультета международной журналистики Института международных отношений МИД Туркменистана.***



Tokio-2020

# OLIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ ÖWÜŞGINLIKLERI

Hormatly Prezidentimiziň XXXII tomusky Olimpiýa oýunlaryna wekilçilik etjek Türkmenistanyň sport wekiliýetine iberen Gutlagynda şu setirler bar: «Sport gujur-gaýratyň, gözelligiň we sagdynlygyň gözbaşydyr. Sport ussatlarymyzyň we türgenlerimiziň halkara hemde dünýä derejesinde geçirilýän sport ýaryşlarynda gazanýan ajaýyp üstünlikleri jemgyýetimizde eziz Watanymyza bolan söýgini terbiýeleýär, halkymyzyň agzybirligini, jebisligini has-da pugtalandyrýar. Şoňa görä-de, mähriban türgenlerimiziň XXXII tomusky Olimpiýa oýunlarynda ajaýyp ýeňişleri gazanyp, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk şanly baýramyna toý sowgatlary bilen geljekdiklerine, sportda «Sagdynlyk. Ruhubelentlik. Dostluk.» atly şygary öňe sürýän eziz Watanymyzyň — Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň sagdynlygyň we ruhubelentligiň ülkesi hökmünde halkara derejedäki abraýyny has-da belende göterjekdiklerine, şeýle-de türkmen sportuny Ýer ýüzünde şöhratlandyrjakdyklaryna uly ynam bildirýärin». Gahryman Arkadagymyzyň bu sözleri Olimpiýa oýunlaryna gatnaşyjy ähli türgenleriň ylham ganatyna öwrüldi.

XXXII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň gyzgalaňly dowam edýän günleri türkmen sportunyň taryhyny hem ebedilik bezedi. Türkmen Tugunyň Günüň dogýan ýurdunda türgenimiziň olimpiýa medalynyň nyşany hökmünde belende galdyrylýan taryhy pursatlary watandaşlarymyzyň ählisini bagtyýar etdi. 2021-nji ýylyň 27-nji iýuly türkmen sportunyň üstünlikleriniň ýyl ýazgysyna iň möhüm seneleriň biri hökmünde girdi. Şol gün Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň talyby, Türkmenistanyň ýokary sport ussatlygy mekdebiniň 21 ýaşly türgeni Polina Guryýewa Watanymyzyň baýrak gaznasyny XXXII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň medaly bilen baýlaşdyrdy.

Garaşsyz Türkmenistanyň sport wekiliýeti Olimpiýa oýunlaryna ilkinji gezek Atlanta — 1996-da gatnaşdy. Adyndan hem belli bolşy ýaly, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Atlanta şäherinde geçirilen şol gezekki Olimpiýa oýunlaryna sportuň 6 görnüşi boýunça 7 türgenimiz gatnaşypdy. Olaryň arasyndan iň gowy netijäni grekrim göreşi boýunça Rozy Rejebow görkezip, öz agramy derejesinde iň güýçli 12 türgeniň hataryna girmegi başarypdy.

Umuman-a, soňky ýyllarda türkmen agyr atletikaçylarynyň halkara ýaryşlarda diýseň üstünlikli çykyş edip başlandygyny nygtamak gerek. 2018-nji ýylda sportuň bu görnüşi boýunça dünýä çempionatyny hem kabul eden Türkmenistan ýokary guramaçylygy bilen hem, türgenleriniň fiziki taýýarlygy bilen hem iri halkara guramalarynyň ünsüni özüne çekýär. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30-njy ýylynda bolsa bize iň düşümli sport görnüşi agyr atletika boldy diýsek, hakykatdan daş düşmeris. Ýylyň başynda başga bir ildeşimize — Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uçurymy Ýulduz Jumabaýewa dünýä çempionatynyň altyn medaly gowşurylypdy.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde beýleki ulgamlar bilen bir hatarda sport ulgamy dünýä derejesinde ösdürilýär. Ýurdumyzda mähriban Prezidentimiziň baştutanlygynda köpçülikleýin bedenterbiýe sportuny ösdürmek, ösüp gelýän ýaş nesliň sport bilen meşgullanmagy üçin toplumlaýyn işler amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda geçirilýän çempionatlara paýtagtymyzdan, welaýatlardan gelýän zenan türgenleri görüp, begenmän bolanok. Bu, ilkinji nobatda, Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda türkmen sportuny ösdürmek babatda alnyp barylýan beýik işleriň öz miwesini berýändigini görkezýär. Hormatly Prezidentimiziň ýaşlaryň sport bilen meşgullanmaklary babatda döredip berýän mümkinçilikleridir şertleri bimöçberdir. Halypa-şägirtlik ýoluny gaýtadan dikelden milli Liderimiz her bir türgene, tälimçä görelde mekdebidir!



***Mergen MÄMMETJUMAÝEW,***
***Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.***

## ⊠YGRY⊠ET

### EJEM

Ukysyz ençeme gijelerini,
Hüwdüläp başymda geçiren ejem.
Perzendiňe bolan gyzgyn mährini,
Ene süýdi bilen geçiren ejem.

Ýola gitsem edip ýagşy dilegler,
Ugradardyň "Sag amanja gel" diýip.
Şol pursatda nazar aýlap yzyma,
Arzuwlardym ýanyňda galsam diýip.

Durmuş bizi dürli ýoldan äkidýär,
Mydama ýanyňda galyp bolanok.
Ara daş bolsa-da ýürekler ýakyn,
Näme üçindir sebäbini bilemok.

Häzirem küýseýän hüwdileriňi,
Göýä gulagymda ýaňlanýan ýaly.
Pentleriňe uýup durmuş ýolunda,
Barýaryn men ajap geljege sary.

Dogry, okuw üçin gaýtdym ýanyňdan,
Nirede bolsamam gynanma hijem.
Nesip bolsa, men ýene-de gelerin,
Ýene seň ýanyňda bolaryn ejem.

### MAGTYMGULY PYRAGY

Beýik şahyr dünýä belli akyldar,
Sözleriňde uly many-mazmun bar,
Türkmen halky bu gün saňa buýsanýar,
Dana atam Magtymguly Pyragy.

Öňünden görüji dana şahyrsyň,
Asly Gerkez illi türkmenlerdensiň,
Berkarar döwleti arzuw edensiň,
Dana atam Magtymguly Pyragy.

Bu gün türkmen ilim Garaşsyz boldy,
Ýurdumyň şatlygy äleme doldy,
Ine, arzuw eden zamanyň geldi,
Dana atam Magtymguly Pyragy.



***Aýlar ATAJYKOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***



### AWAZA

Seniň goýnuň göýä jennet mysaly,
Gözelligiňe aklym haýran Awaza.
Berkarar Watanymyň şöhraty-şany,
Beýik adyň dünýä ýaýran Awaza.

Seniň howaň göýä melhemdir jana,
At-owazyň ýaýraýandyr çar ýana,
Tolkunlaryň ylham berýär ynsana,
Jana şypalydyr howaň Awaza.

### KÄBÄM

Eda-edepliligi baky guýdyň kalbyma,
Sypaýylyk ýolunyň sensiň gözbaşy Käbäm!
Owazly hüwdileriň müdimi kalba nagma,
Ýazylmadyk kitaba sensiň sözbaşy Käbäm!

Bady-sabaň şemaly dek, seniň mylaýym eliň,
Şirin-şeker, nabada deňeýän süýji diliň,
"Jennet enelermiziň dabanyndadyr", biliň,
Päk, arassa, halalhon meniň behişdi Käbäm!

Gör, nähili uly zat peşgeş berdiň bir ömür,
Dünýä baky gelsediň, bolup ýanymda höwür,
Päk süýdüňi haklajak borun dünýäm her döwür,
Ylhasly beren pendiň mydam saklaryn Käbäm!



***Gytja ATDAÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

# Palaw — arzyly milli tagam

*Hazaryň türkmen kenary halkara ähmiýetli çäreleriň, forumlaryň, baýramçylyk dabaralarynyň mekanyna öwrüldi. Hemmämize mälim bolşy ýaly, 6-njy awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň sammiti, sebit ýurtlarynyň zenanlaryň ilkinji dialogy, Ykdysady forum, halkara sergi ýaly uly halkara çäreleri geçirildi. Şeýle hem Sebit döwletleriň milli tagamlarynyň sergisi we medeniýet we sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti guraldy. Bu baýramçylyk çärelerinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli tagamlarynyň sergisi halklaryň arasynda däp bolup gelýän dostluk-doganlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna ýardam etdi. Halkara sergide türkmenistanly aşpezler türkmen milli tagamlaryny sergä gatnaşýanlara hödürlediler. Şol milli tagamlaryň arasynda arzyly tagam bolan palaw görnükli orun eýeleýär.*

*"Ýaş diplomatyň sesi" gazetimiziň şu sanynda habarçymyzyň milli tagamymyz bolan palawy bişirmäge ussat hasaplanýan ildeşimiz, ýagny Lebap welaýatynyň Halaç etrabynyň Mangyşlaly obasynyň ýaşaýjysy, hormatly dynç alyşdaky hajy enemiz Aksoltan Aganyýazowa bilen taýýarlan söhbetdeşligini size ýetirýäris.*

***— Salam, hajy mama! Söhbetdeşligimiziň başynda palawa gerek bolan önümlerimiz barada gürrüň beräýiň!***

— Salam, gyzym! Men saňa künji ýagy bilen towukly palaw bişirip bermekçi. Munuň üçin bize bir towuk, künji ýagy, sogan, käşir, suw, duz gerek. Şeýle-de nahara islege görä kişmişi, erik kişdesini, sarymsagy, ýeralmany, beýini hem goşup bolar.

***— Hajy mama, ine, gerekli önümlerimiz biziň elimizde. Indi palawy taýýarlamaga başlasagam bolýar...!***

— Hawa, gyzym. Ilki bilen gowy ýuwlan gazany gazyň üstüne goýmaly. Gazanyň içi gurandan soň, oňa gerekli mukdarda künji ýagyny guýmaly. Ýag gyzandan soň böleklere bölünip duzlanan towuk etini gazana atmaly. Towuk etini gowy edip gowurmaly. Soňra tegelek görnüşinde dogralan soganymyzy gazana atmaly. Sogan ýumşandan soň, uzyn görnüşde dogralan käşirimizi gazana atmaly. Käşir gowy gowrulýança garaşmaly. Soňra olaryň üstüni basyp duran möçberde suw guýmaly we bir nahar çemçe duz atmaly. Islegiňize görä erik kişdesini, kişmişi, beýini palawyň şu ýerinde salyp bilersiňiz. Bir sagat töweregi pessejik otda gaýnatsaň etiň, soganyň, käşiriň tagamy has gowy alyşýar. Soňra gowy edip ýuwan tüwimizi gazana atmaly. Barmagyň bir bogny möçberinde suw guýmaly we bir nahar çemçe möçberde duz atmaly. Tüwi suwuny gowy çekýänçä garaşyp, soňra üstüni örtmeli. Gazanyň gapagyny berk ýapyp, pes otda tüwini buguna goýmaly. Ine, ýarym sagatdan biziň towukly palawymyz taýyn hem boldy. Iýiň, noş bolsun!

***— Sag boluň, hajy mama! Beren gyzykly gürrüňleriňiz, bişirip beren süýji palawyňyz üçin size hoşallygymyzy bildirýäris. Siziň bereketli ojagyňyzda hemişe süýji palawlar buglanyp, agtyjaklaryňyzyň şadyýan owazy ýaňlanyp dursun!***

— Sag boluň, gyzym!



***Söhbetdeş bolan: Sona HALYKOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
INTERNET GAZETI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
INTERNET NEWSPAPER
№ 1, 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabry, penşenbe. Our main goal is to serve the Motherland!
Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji senýabryndan bäri çykýar.
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Baş redaktor *Täçgeldi GUTLYÝEW.*

*Metbugat — internet gazeti Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň gözegçiliginde taýýarlanyldy.*

*Baş redaktoryň orunbasary* ***Jemile PÜRJÄÝEWA.***
*Jogapkär kätip:* ***Bakydurdy GARAÝEW.***
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* ***Aýlar ATAJYKOWA.***
*Metbugat — internet gazetiň sahypalarynda* ***Taňryberdi MYRATLYÝEWIŇ*** *suratlary ulanyldy.*

*Baş korrektor:* ***Mähriban HUDAÝGULYÝEWA.***
*Korrektorlar:* ***Laçyn BERDIMYRADOWA, Gurbanjemal EGIRJÄÝEWA, Dünýägözel ÇARYÝEWA.***

